# Erbetleriñ üstün çykan dünýäsi

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Erbetleriñ üstün çykan dünýäsi ERBETLERIÑ ÜSTÜN ÇYKAN DÜNÝÄSI



Gowy bilen erbediñ (haýyr bilen şeriñ) göreşi dünýä döräni bäri dowam edip gelýär.
Käwagt gowular ýeñýär, dünýä birsellem demini dürseýär. Käwagtam erbetler öñe geçip, dünýäni aldym-berdime salýar.
Sowet Soýuzynyñ dargap, Gündogar blogynyñ çöken togsanynjy ýyllaryny ýada salyñ. Sowet türmesi içinden çökdi welin, ýetmiş ýyllap tussaglykda saklanan halklar şatlyk bilen azatlyga gowşup, dünýäniñ beýleki ýerleri bilen gujaklaşypdy. Ençeme ýyllap biri-birlerini görmedik garyndaşlar täzeden gowşup, böleklenen maşgalalar täzeden birigipdi.
Günbataryñ orra-ortasynda ýüz müñlerçe nemes Berlin diwaryny bat bilen ýumrup, Günbatar Germaniýa tarapa geçende, dünýäniñ beýleki ujunda-da sowet geografiýasynyñ daşynda ýaşan müñlerçe

türkmen, özbek, gazak, gyrgyz ýitip giden garyndaşlarynyň yzyny tapmak üçin Türküstana ýa-da häzirki ady bilen Orta Aziýa sary ýola çykypdylar.
Gysgaça aýdanda, Gündogarda we Günbatarda togsanynjy ýyllar azatlyk, birek-birege gowuşma we bagra basyşma döwrüdi.
Indem häzirki döwre serediň.
Erbetleriň baýdagy hemme ýerde ýeňiş bilen al-asmanda parlaýar.
Ýigrimi ýyllyk azatlyk we umyda beslenen döwürden soň Taliban tümlük deýin Owganystanyň üstünde täzeden çökdi. Goňşy Eýranda aýal-gyzlaryň umyt nalalary rehimsizlik bilen basylyp ýatyryldy.
Edil şonuň ýaly Orta Aziýa respublikalarynda-da azatlygyny talap edip gozgalaň turzan halk köpçülikleri güýç ulanylyp ýatyryldy. Häkimiýetiň atadan ogla ýa-da diktatoryň mynasyp zürýady bolmasa, iň ýakyn adamyna geçýän respubkika modeli ornaşdy.
Şeýlelikde sowet türmesinden halas bolan millionlarça adamyň azatlyga bolan umydy «dogar aýa» galdy…
Ýakyn Gündogarda bolsa ädimme-ädim çäklerini giňeldýän jöhit döwleti indi meseläni genosid bilen dowam etdirýär.
Aralarynda gundagdaky çagalaryň we naçar aýal-gyzlaryňam bolan müňlerçe raýat ysraýyl istrebitelleri tarapyndan bombalanýan wagty dünýä jemgyýetçiligi diňe gury galmagal etmek bilen çäklendi.
Hiç kimiň Netanýahuny duruzmak üçin herekete geçmedi, geçibem bilmeýär.
Herekete geçme ähtimallygy barlary-da ABŞ we onuň ýaranlary sebite söweşjeň gämilerini ýollap duruzdy.



*Ysraýyl goşunynyň Gaza sektoryna 2023-nji ýylyň 7-nji oktýabryndan bäri guran hüjümlerinde wepat bolanlaryň sany soňky 24 sagatda kyrk göterim artyp, 37 müň 124-e ýetdi / Fotosurat: Reuters*

Bütin bularyň barsy az bolýan ýaly Ýewropanyň bir ujunda başlan uruş üçünji ýylyna gadam basdy. Bir supergüýç ýanyndaky kiçi goňşusynyň üstüne çozdy.

Dünýäniň birgiden ýurdy muňa garşy çykyp, basybalyjyny duruzmaga synanyşýar. Emma barsy biderek. Basybalyjyny duruzmakdan has beter, uruşyň gerimu barha giňeýär.



*Russiýanyň 2022-nji ýylyň 24-nji fewrakynda Ukraina çozmagy bilen başlan uruş häzirem dowam edýär / Fotosurat: Reuters*

Iki uruş Günbataryň çaprazlygyny, has dogrusy ikiýüzliligini ähli ýalaňaçlygy bilen orta çykardy goýaýdy.

Ukraina uruşynda ýönekeý raýatlaryň öldürilmegini uruş jenaýaty hasaplan Günbatar şeýle ýagdaýyň Gazada, üstesine has gorkunç möçberlerde bolup geçmegini Ysraýylyň özüni goramaga bolan hukugy hasaplaýandygyny mälim etdi.

Bu ýerde öldürilen müňlerçe çaga, gözi ýaşly müňlerçe ene Günbatarda wyždany diri ýüz müňlerçe adamy köçä çykaranam bolsa, Baýden, Sunak, Makron, Şols ýaly liderleriň tüýüni-de gymyldatmady.

Olar zol özüňi gorama hukugyny ýanjap, Nuh diýdiler, pygamber diýmediler.

Atly-owazaly arap şeýhleri bolsa guk ýanlarynda bolup geçýän gyrgynçylyga gaňrylybam seretmediler.

Dogrusy, Katar, Saud Arabystany, Müsür ýaly käbir arap ýurtlary meseläni diplomatiki ýollar bilen çözmek üçin birnäçe synanyşyklarda boldy, emma bu ýurtlaryň liderleriniň biri-de

orta çykyp, Ysraýyly aç-açan ýazgarmaga milt edip bilmedi. Muny edip bilen ýeke-täk musulman lideru Netanýahuwa «ganhor, uruş jenaýatkäri» diýen prezident Erdogan boldy.
Şeýle diýmek bilen ol Päkistandan Bangladeşe, Siriýadan Liwiýa, Marokka çenli aralykda ýaşaýan millionlarça ýönekeý musulmanyñ sylag-hormatyny, söýgüsini gazandy.




*Prezident Erdogan «Gazadaky gandöküşlikleriñ, Kuddusdaky agressiw hadysalaryñ öñüni aljak günlerimiz ýakynlaşdy» diýip gürledi / Fotosurat: AA*
Elbetde, Erdoganam Türkiýede ak jüýje däl. Russiýa bilen söwdasyny dowam etdirip, rus uruşynyñ maliýeleşdirilmegine we aýratynam ukrainaly ýönekeý raýatlaryñ öldürilmegine goşant goşan Türkiýe Gazada meselesinde dogry tarapda – bigünäleriñ tarapynda durdy.
Edil şolar ýaly Gündogar Türküstanda uýgurlara garşy bolan hytaý genosidini aç-açan tankyt etmekden gaça duran we Rabia Kadir ýaly uýgur liderlerini ýurduna salmadyk Türkiýe Owganystanda täzeden häkimiýet başyna gelen Taliban bilen şapbada-şupba bolmaga utanmady.
Görşüñiz ýaly, akly ýerinde bolan her bir ýurt ýaly Türkiýäniñem daşarky syýasatyny kesgitleýän zat – adam

hukuklary, demokratiýa we şahsy azatlyklar ýaly gymmatlyklardan zyýada öz milli bähbitleri. Şonsuzam demokratiýa we adam hukuklary boýunça Türkiýäniñ geçmişi onçakly arassa däl.
Jemläp alanymyzda, XXI asyryñ birinji çärýeginiñ tamamlanyp barýan günlerinde ýaryşda erbetleriñ üstün çykandygyny görýäris. Emma ýagdaýyñ şeýledigi hemişe şular ýaly dowam etjekdigini-de añlatmaýar.
Gijäniñ yzyndan gündiziñ, garañkylygyñ yzyndan ýagtylygyñ gelşi ýaly, gowularyñam ýüzüniñ güljek günleri geler.
Şeýle bir döwür geler, Eýrandyr Owganystan ýaly ýurtlarda aýal-gyzlar azat ýaşar. Türkiýede parahorlyk, korrupsiýa, tanyş-bilişe daýanmak geçmişde galar, hiç kim pikiri sebäpli türmede ýatmaly bolmaz. Palestina we Ysraýyl döwletleri biri-birine ýanaşyk agzybirlikde ýaşar. Russiýa kiçi goñşularyna çozmaz. ABŞ dünýäniñ başyna kerep aýlajak bolmaz.
Şeýle bolanda dünýä jennete döner.
Elbetde, meniñ bu aýdýanlarym gury hyýal ýaly bolubam biler. Emma daş-töweregimizde görýän her bir zadymyzyñ hyýal bilen başlandygyny we hakykata öwrüldi.
Hernä, hyýalymyza ýürekden ynanalyñ.

Esedulla OGUZ,
Germaniýaly türkmen žurnalisti.

Sişenbe, 11.06.2024 ý. Publisistika